# Är garrar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Är garrar… ÄR GARRAR…



Ýola düşäýdigim daga,
Daça bag aň-hyýalymda.
Asyl erkime goýmaýar,
Tenha jaý, garran halymda.
Synlap arzuwly deräni,
Şeýleden ýap çeksem diýýän.
Bu hatara erik, injir,
Bärden üzüm eksem diýýän.

Ümsümlik gurşasa, gaýym,
Gursam, kinniwanja jaýym…

Diýýän ýene öz-özüme:
“Oýlan how, pikir öwür-de.
Etsem-petsemiň etmeli,
Gurbat bap gelýän döwürde.

Ýer sarsdyrýan zoruň-a ýok,
Gyş aralaşansoň ömre.
Artyk mal-mülk, zeriňem ýok,
Zerur zat bi, ýaman görme”!

…Dagda bag içre tenha jaý,
Küýsegim, garaz.
Hak aýdanlar, öň danalar –
“Är garrar, heňňam garramaz”.

2024 ý. Goşgular